BIRŽA BARADA
О Бирже

Aşgabat gazna biržasy 2016-njy ýylda döredildi we Türkmenistanyň gymmatly kagyzlar bazarynda birža söwdasyny guraýar we geçiryär. Biržanyň esasy maksady - milli ykdysadyýetiň ösüşine ýardam bermek, maýa goýum gurşawyny gowulandyrmak we maliýe bazaryny ösdürmekdir.

Ашхабадская фондовая биржа была создана в 2016 году и осуществляет организацию и проведение биржевых торгов на рынке ценных бумаг Туркменистана. Основная цель Биржи – содействие развитию Национальной экономики, совершенствованию инвестиционной среды и росту финансового рынка.

ESASY WEZIPELER
Основные задачи

1. Birža söwdasyny guramak we geçirmek

1. Организация и проведение биржевых торгов

2. Gymmatly kagyzlar bilen baglanyşykly hyzmatlary bermek

2. Предоставление услуг, связанных с ценными бумагами

3. Maýa bazaryny ösdürmek

3. Развитие рынка капитала

4. Içerki we halkara hyzmatdaşlygyny berkitmek

4. Укрепление внутреннего и международного сотрудничества

GATNAŞYJYLAR
Участники

Emitentler, maýadarlar, banklar, dellallar, dolandyryjy kompaniýalar we beýleki hünärli gatnaşyjylar.

Эмитенты, инвесторы, банки, брокеры, управляющие компании и другие профессиональные участники.

Aşgabat gazna biržasy – durnukly ösüş, maýa goýum we geljege ynam.

Ашхабадская фондовая биржа – стабильное развитие, инвестиции и уверенность в будущем.

HABARLAŞMAK
Контакты

744000, Türkmenistan, Aşgabat ş., Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly,126-njy jaýy.

г. Ашхабад, проспект Великого Сапармурата Туркменбаши, дом 126

+993 (12) 46-86-27

ase@agb.com.tm

www.agb.com.tm



AŞGABAT GAZNA BIRŽASY

АШХАБАДСКАЯ ФОНДОВАЯ БИРЖА

GAZNA BIRŽASY
Фондовая Биржа

Aşgabat gazna biržasy ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň emitentleri we maýadarlary üçin açyk we ygtybarly meýdançany üpjün edýär.

Ашхабадская фондовая биржа представляет собой открытую и надежную платформу для эмитентов и инвесторов из различных секторов экономики.



GYMMATLY KAGYZLAR
Ценные Бумаги

- Döwletiň gymmatly kagyzlary

- Государственные бумаги

- Korporatiw obligasiýalary

- Корпоративные облигации

- Paýnamalar

- Акции


ESASY MAKSATLAR
Главные цели

Erkin serişdeleri bar bolan maýadarlary, kärhananyň we döwletiň ösüşi üçin maýa mätäç bolanlar bilen birleşdirmek.

Эффективно соединять инвесторов, располагающих свободными денежными средствами, с теми, кто нуждается в капитале для развития предприятий и государства.

Aşgabat gazna biržasy - ösüş we abadançylyk üçin ygtybarly hyzmatdaşdyr.

Ашхабадская фондовая биржа – надежный партнер для роста и процветания.



"MAÝA GOÝUJY" DIÝMEK?
Кто такой «инвестор»?

Maýa goýujy – öz adyndan we öz hasabyna gymmatly kagyzlary edinýän fiziki ýa-da ýuridik şahs.

Инвестор - физическое или юридическое лицо, приобретающее ценные бумаги от своего имени и за свой счёт.

Maýa goýujy gymmatly kagyzlar bazarynyň gatnaşyjysy bolup durýar.

Инвестор является участником рынка ценных бумаг.

Gymmatly kagyzlary satyn almak ýa-da satmak tertibi:

Порядок покупки или продажи ценных бумаг:

1-nji ädim - Maýa goýujy satyn almak isleýän gymmatly kagyzyny saýlaýar.

Шаг 1 - Инвестор выбирает ценную бумагу, которую хочет приобрести.

2-nji ädim - Maýa goýujy gymmatly kagyzy satyn almak ýa-da satmak üçin, özüne Dellaly (Brokeri) saýlaýar.

Шаг 2 - Для покупки или продажи ценной бумаги инвестор выбирает себе Брокера.

3-nji ädim - Maýa goýujy saýlan Dellaly bilen gymmatly kagyzlary satyn almak ýa-da satmak barada ylalaşyk baglaşýar.

Шаг 3 - Инвестор заключает с выбранным Брокером договор о покупке или продаже ценных бумаг.

4-nji ädim - Dellal Birža söwdasyna gatnaşyp gymmatly kagyzlary satyn almak ýa-da satmak baradaky maýa goýujynyň tabşyrygyny ýerine ýetirýär.

Шаг 4 - Брокер, участвуя в Биржевых торгах, исполняет поручение инвестора о покупке или продаже ценных бумаг.

"LISTING" DIÝMEK?
Что такое «листинг»?

Listing – Birža tarapyndan gymmatly kagyzlary Biržanyň Resmi sanawyna girizmek we söwdalara göýbermek, şol sanda bahalandyrmak sanawyna girizmek boýunça Biržanyň tertibiniň jemi

Листинг - совокупность процедур Биржи по включению Биржей ценных бумаг в Официальный список Биржи и допуску их к торгам, в том числе по включению в оценочный список

Biržanyň "Listing" tertibi

Процедура «Листинга» Биржи

1-nji ädim - gymmatly kagyzlary Biržanyň Resmi sanawyna girizmek boýunça Arza bilen ýüzlenme;

Шаг 1 - обращение с Заявлением о включении ценных бумаг в Официальный список Биржи;

2-nji ädim - gymmatly kagyzlary Biržanyň Resmi sanawyna girizmek boýunça Biržanyň Listing tertibiniň talaplaryna laýyklykda,resminamalar bukjasyny jemlemek we tabşyrmak;

Шаг 2 - формирование и представление пакета документов для включения ценных бумаг в Официальный список Биржи в соответствии с требованиями Процедуры листинга Биржи;

3-nji ädim - gymmatly kagyzlaryň Listingi baradaky Arza we onuň ýanyna goşulýan resminamalar Biržanyň Listing topary tarapyndan kabul edilýär we seredilýär;

Шаг 3 - Заявление о Листинге ценных бумаг и прилагаемые к нему документы принимаются и рассматриваются Листинговой комиссией Биржи;

4-nji ädim - Listing toparynyň oňyn netijenamasy bolan ýagdaýynda gymmatly kagyzlar 5 iş günüň dowamynda Biržanyň Resmi sanawyna girizilýär.

Шаг 4 - при положительном заключении Листинговой комиссии ценные бумаги в течение 5 рабочих дней включаются в Официальный список Биржи.



